# Ýürek bejerýän ussa

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýürek bejerýän ussa ÝÜREK BEJERÝÄN USSA



Işläp otyr günuzyn,
Dümtünip,
Assa-assa,
Agaç ussasy däl-de,
Köwüş ussasy däl-de,

Sagat ussasy däl-de,
ÝÜREK BEJERÝÄN USSA!
Dolduryp dur ýürekler
Ussaň kiçijik jaýyn:
Sagda – remont gerekler,
Solda duranlar – taýyn!

Tabşyrlanok bu ýere
Gurat ýürek,
Oň ýürek,
Ussaň elinden geçýär
Gara ýürek,
Doň ýürek…

Haýsynda näme dert bar,
Alňasaman seredýär:
Gara ýüregi ýuwýar,
Doň ýüregi eredýär.
Ussaň gowy gylygy –
Halanok harsallygy.

Diýýär: "Meniň bir zady
Pugta bilmegim gerek:
Gapy bejeremok men!
Köwüş bejeremok men!
Sagat bejeremok men!
Ýürek bejerýän!
Ýürek!"

Kemsiz düzelen ýürek
Gurat işleýär:
"GÜRS! GÜRS!"
Derin süpürip ussa,
Diýýär: "ADAMLAR,
BUŞLUK!!!
ÝENE-DE BIR ÝÜREK DÜRS!!!"

…Guratmy-ýok ýüregi,

Kim-de kim şübhe etse,
Gowy bolar dessine
Ussaň ýanyna gitse!

Işläp otyr günuzyn,
Dümtünip,
Assa-assa,
Agaç ussasy däl-de,
Köwüş ussasy däl-de,
Sagat ussasy däl-de,
ÝÜREK BEJERÝÄN USSA! Çagalar edebiýaty